**TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET WE ILATY DURMUŞ TAÝDAN GORAMAK MINISTRLIGI**

**MINISTRY OF LABOUR AND SOCIAL PROTECTION OF POPULATION OF TURKMENISTAN**

**BUÝRUK** **ORDER**

**« 20 » dekabr 2018 ý.** **№ 160-Ö**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2016-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 2-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi hakynda Düzgünnama goşmaça girizmek hakynda**

"Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasyndan, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 133-nji maddasyndan gelip çykýan düzgünleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2016-njy ýylyň 26-njy ýanwarynda 951 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alynan, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2016-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 2-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi hakynda Düzgünnamada:

1) ikinji böleginiň ikinji tesminden soň şu mazmunly üçünji tesimi goşmaly:

"Durmuş goraglylygyna mätäç raýatlary paýa laýyklykda işe ýollamaklyk Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek meselelerine seredýän toparyň karary esasynda amala aşyrylýar. Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek meselelerine seredýän toparyň karary onuň mejlisiniň teswirnamasy (şu Düzgünnama goşundy) bilen resmileşdirilýär".

2) Şu mazmunly goşyndyny goşmaly:

“Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi hakynda Düzgünnama goşundy

20___-nj_ ýylyň __-nj_ ________ etrap/şäher häkimliginiň
Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek meselelerine seredýän toparynyň geçiren maslahatynyň

**№___ TESWIRNAMASY**

20__-nj_ ýylyň __-nj_ _________ __________________
(şäher, etrap)

**Toparyň başlygy:** ________________________________________
(Toparyň başlygynyň F.A.A.a., wezipesi)

________________________________________

**Toparyň agzalary:**

1.______________________________________
(Toparyň agzalarynyň F.A.A.a., wezipeleri)

2.______________________________________
3.______________________________________
4.______________________________________
5.______________________________________
6.______________________________________
7.______________________________________

## Gün tertibi

1. Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi hakyndaky Düzgünnama laýyklykda _______________ welaýat/şäher häkiminiň 20___-nj_ ýylyň ___-nj_ ýanwarynda kabul eden _______ belgili kararyna laýyklykda ______________ etrabynda/şäherinde iş üpjünçiligi çygrynda döwletiň goldawyna mätäç adamlary iş bilen üpjün etmek meselelerine seretmek.

2.Beýleki meseleler.

Toparyň başlygy _____________ maslahaty açmak bilen, gün tertibiniň meseleleri bilen toparyň agzalaryny tanyşdyrdy we _________etrabynyň/şäheriniň çäginde ýerleşýän iş berijilere 20_____-nj_ ýyl üçin Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemek hakyndaky kararyň ýerine ýetirilişi

barada hasabat bermek üçin Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň (mundan beýläk-Bölüm) ýolbaşçysyna söz berdi.

Bölüminiň ýolbaşçysy öz çykyşynda ______________ welaýat/şäher häkiminiň 20___-nj_ ýylyň __-nj_ ýanwaryndaky kabul eden ____ belgili kararyna laýyklykda etrabyň/şäheriň çäginde hereket edýän iş berijilere bellenen paýa laýyklykda ____ sany iş orunlarynyň kesgitlenendigini, şeýle iş orunlara häzirki wagta çenli ___ sany durmuş goraglylygyna mätäç adamlaryň işe ýollanandygyny, ýene-de ____ sany iş ornuna paýa laýyklykda durmuş goraglylygyna mätäç adamlaryň işe ýerleşdirilmeklige degişli bolup durýandygyny, şeýle hem

________________________________________________________________________
(gün tertibiniň meselesi boýunça beýleki ýagdaýlar beýan edilýär)

________________________________________________________________________

________________________________________________________________________

____________________________________________________________habar berdi.

Şunuň bilen birlikde Bölüm tarapyndan ____ sany raýatyň durmuş goldawyna mätäç hökmünde hasaba alnandygyny hem-de bu raýatlaryň maşgala we beýleki ýagdaýlary barada habar berip, olaryň paýa laýyklykda işe ýollanmagy baradaky meselä seredilmegini teklip etdi.

Mundan başga-da, etrabyň çäginde hereket edýän iş berijiler tarapyndan Bölüme her aýda berilýän maglumatlaryň esasynda bar bolan boş iş orunlary barada maglumatlary topar agzalarynyň dykgatlaryna ýetirildi.

Soňra Toparyň başlygy gün tertibiniň meselesi boýunça topar agzalarynyň belliklerini we tekliplerini bermeklerini sorady.

Topar agzalary ara alyp maslahatlaşmalardan soňra, döwletiň goldawyna mätäç aşakdaky raýatlaryň:

1.______________________________________________________________
(durmuş goldawyna mätäç raýatyň F.A.A.a., doglan wagty, ýaşaýan salgysy)

2.______________________________________________________________

3.______________________________________________________________

...

bellenen paýa laýyklykda iş bilen üpjünçilik gullugynyň işe ýollanyş hatynyň esasynda degişlilikde aşakdaky edaralara:

1______________________________________________________________.
(edaranyň doly ady, işe ýollanylýan wezipäniň, käriň ady)

2.______________________________________________________________

3.______________________________________________________________

...

işe ýollamagy we bu meseläni gözegçilikde saklamaklygy teklip etdiler.

Topar agzalarynyň her biriniň pikirleri diňlenenden soňra Topar **karar etdi:**

1. Döwletiň goldawyna mätäç aşakdaky raýatlary:

1.______________________________________________

(durmuş goldawyna mätäç raýatyň F.A.A.a., doglan wagty, ýaşaýan salgysy)

2.______________________________________________

3.______________________________________________

...

bellenen paýa laýyklykda iş bilen üpjünçilik gullugynyň işe ýollanyş hatynyň esasynda degişlilikde aşakdaky edaralara:

1______________________________________________.

(edaranyň doly ady, işe ýollanylýan wezipäniň, käriň ady)

2.______________________________________________

3.______________________________________________

...

işe ýollamaly we bu meseläni gözegçilikde saklamaly.

2. Iş beriji paýa laýyklykda işe kabul edilen işgäriň işe kabul edilendigi barada Bölüme habar bermeli.

3. Iş beriji bellenilen paýa laýyklykda işe kabul edilen işgär işden boşanda bu barada degişli çözgüdiň kabul edilen gününden başlap 10 senenama gününden gijä galman Bölüme maglumat bermeli.

**Toparyň başlygy** ____________ ____________________

goly (F.A.A.a.)

**Toparyň kätibi** ____________ ____________________ .”

goly (F.A.A.a.)

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününüň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**